# Musulman çaganyň, balanyň akydada, fykhda we hadysda reýhanasy.

Şeýh Holid bin Osman



# Musulman çaganyň, balanyň akydada, fykhda we hadysda reýhanasy.

# Ýazyjy: Şeýh Holid bin Osman (Hafyzahullah)



Ikinji çap.

Ähli soraglary elektron poçtalaryň üsti bilen berip bilersiňiz.

Pygambermirasy1@gmail.com

Kuranwehadys@gmail.com

Başga-da kitap ýüklemek üçin: kuranwehadys.com

**Sorag: Robbuň kim?**

**Jogap: Robbum Allah**

**Sorag: Pygamberiň kim?**

**Jogap: Pygamberim Muhammet**

**Sorag: Diniň näme?**

**Jogap: Dinim Yslam.**

# Allah ähli zadyň Ýaradyjysydyr.

Asmanlary, ýeri, güni, aýy, ýyldyzlary ýaradan Allahdyr.

# Rysgal Beriji (Er-Rozzäk) Allahdyr.

Allah barlyklaryň barysyna rysgal berýändir.

Allah ähli ýerdäki ynsanlara, jynlara rysgal berýändir.

Allah asmandaky guşlara rysgal berýändir.

Allah deňizlerdäki balyklara rysgal berýändir.

Allah hinlerdäki garynjalara rysgal berýändir.

# Allah hemme zadyň Robbudyr (Hojaýynydyr, Ýaradyjysydyr).

**Rububiýýe tewhydy**:

Bu ýeke Allahyň Robdygyna iman getirmek, Ondan başga Rob ýokdur.

# Lä ilähe illallah.

Onuň manysy:

Allahdan başga ybadata mynasyp iläh ýokdur.

Musulman ýeke Allaha ybadat eder.

Allaha hiç zady şärik goşmaz (hiç bir zady oňa deňemez).

Musulman ýeke Allahdan doga-dileg eder.

Musulman perişdelerden, pygamberlerden doga-dileg etmez.

Musulman ewliýalardan doga-dileg etmez.

Musulman ýeke Allah üçin namaz okar.

Musulman ýeke Allahdan umyt eder.

Musulman ýeke Allahdan gorkar.

Musulman ýeke Allaha töwekgellik eder, bil baglar.

**Uluhiýýe tewhydy**:

Bu ýeke Allahyň ybadata haklylygyna (mynasypdygyna) iman getirmek. Onuň ybadatda şärigem, deňem ýokdur. Bendeleri Ony söýüp, Ony beýgeldip, Ondan gorkup, Ondan umyt edip, Oňa boýun egerler.

Abdullah Ibn Omaryň Pygamberimizden (Sallallahu aleýhi we sellem) hadysy:

"Yslam bäş zada guruldy. Allahdan başga (ybadata hakly) ilähiň ýokdugyna we Muhammediň Allahyň Resulydygyna (ilçisidigine) şaýatlyk etmek, namazy dikeltmek, zekat bermek, Remezanda agyz beklemek, başarana öýe (Käbä) haj etmek."

# Iki şaýatlyk:

1. Lä ilähe illallah 2. Muhammet Resulullah

(Manysy: Allahdan başga ybadata hakly iläh ýok, Muhammet Onuň Ilçisi.)

# Allahyň gözel atlary bardyr

(şolary agzap) Oňa doga-dileg ediň!

Allahyň beýik wasplary bardyr. Olara iman getirýäris.

# Allah nirede?

Allahu Subhanehu asmandadyr, azym bolan Arşyň ýokarsynda.

(Allah Tagala Kuranda aýtdy:)

"Rahman bolan (Allah) Arşa galdy" (Rahman 5)

Allah Es-Semig (Eşidiji) we El-Basyrdyr (Görüji).

Allah hemme zada Kadyrdyr, Başaryjydyr.

Allah hemme zady Bilijidir.

Allah hemme zady (ylmy bilen) gurşap alandyr.

Allahyň iki sany kerim eli bardyr.

Allahyň hemme zady görýän iki gözi bardyr.

Allahyň Zul-Jelal wel-Ikram ýüzi bardyr.

Onuň hiç hili deňi-taýy ýokdur, Ol Eşidiji, Görüjidir.

# Kuran näme?

Kuran - Allahyň kelamydyr, ýaradylmadykdyr.

(Allah Tagala Kuranda aýtdy:)

"Allah Musa bilen sözleşip gepleşdi." (Nisa 164)

Allahyň sözi - harp we seslidir.

Allah El-Gafurdyr (Bagyşlaýjydyr), Er-Rahymdyr (Rehimlidir).

Allah rehim edijileriň iň merhemetlisidir.

(Allah Tagala Kuranda aýtdy:)

"Allah bütin günäleri bagyşlar" (Zumer 53)

(Allah Tagala Kuranda aýtdy:)

"Allah Özüne şärik goşulsa hiç bagyşlamaz, ondan galanyny islänine bagyşlar." (Nisa 48)

# Muhammet (Sallallahu aleýhi we sellem) Resuldyr.

Ol Resullaryň iň soňkusydyr. Ol Resullaryň iň gowusydyr.

Musulman Resuly kakasyndan, ejesinden, ähli adamlardan beter söýer.

Allahyň Resulynyň sünneti (ýoly):

1. Resulyň sözleri.
2. Resulyň amallary.

3. Resulyň ykrarlary.

Musulman Allahyň Resulynyň sünnetine (ýoluna) eýerýändir.

## Sahabalar

Olar Allahyň Resulyny görüp, imanly hallarynda dünýäden ötenler.

Musulman sahabalaryň hemmesini söýýändir.

Sahabalaryň iň haýyrlysy:

Ebu Bekir Syddyk Allah ondan razy bolsun.

Omar bin El-Hattab Allah ondan razy bolsun.

Osman bin Affan Allah ondan razy bolsun.

Ali bin Ebi Talyp Allah ondan razy bolsun.

## Selef-salyhlar

Olar sahabalar (Allah olardan razy bolsun) we olara ýagşylykda eýerenlerdir. (Tabygynlar).

Musulman selef-salyhy söýer.

Yslam dinini Kurandan, Sünnetden selef-salyh pähimine görä öwrenýärin.

## Imanyň rükünleri altydyr:

Allaha iman,

Perişdelere iman,

Resullara iman,

Kitaplara iman,

Ahyret gününe iman,

Takdyryň (kysmatyň) ajysyna-süýjüsine iman etmek. Takdyra iman etmek, onuň haýyrlysyna we şerlisine iman getirmek.

Allah perişdeleri nurdan ýaratdy.

Allah ynsany palçykdan ýaratdy.

Allah şeýtanlary, jynlary otdan ýaratdy.

# Hadys sapagy.

Allahyň Resuly (Sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

1) "Takyk, doga-dilegiň özi ybadatdyr."

2) "Her (edilen) ýagşylyk sadakadyr."

3) "Kim Allaha şärik goşan halynda ölse oda girer."

4) "Siziň iň haýyrlyňyz Kurany öwrenen we öwreden kişidir."

5) "Iman ýetmiş näçe şahadan ybaratdyr, haýa hem imanyň bir şahamçasydyr."

6) "Rehim etmedige rehim edilmez."

7) "Rehimlilere, rehim edijilere Allah rehmet eder, ýerdäkilere rehimli boluň, asmandaky size rehmet eder"

8) "Jennete garyndaşlar bilen arany kesen girmez."

9) "Kim bize (garşy) ýarag göterse, bizden däldir. Kim bizi aldasa, bizden däldir."

10) "Dogruçyl boluň! Çünki, dogruçyllyk ýagşylyga getirer, ýagşylagam Jennete."

# Fykh sapagy.

Täretiň kylnyşy:

Bismilläh diýýärin,

Elimiň goşaryny üç gezek ýuwýaryn,

Agzymy-burnumy 3 gezek çaýkaýaryn,

Ýüzümi 3 gezek ýuwýaryn,

Elimi barmaklarymyň ujundan başlap, tirsegime çenli, tirsegim bilen ýuwýaryn,

Kellämi, başymy we gulagymy bir gezek mesh edýärin (öl elim bilen sypalaýan),

Aýagymy topugyma çenli, topugym bilen üç gezek ýuwýaryn.

Täret kylyp bolanymdan soň, aýdýaryn:

“Eşhedu enlä ilähe illallah wahdehu lä şeriýke lehu, we eşhedu enne Muhammeden abduhu we Resuluh”

(Manysy: Şäriksiz, ýeke Allahdan başga (ybadata hakly) ilähiň ýokdygyna we Muhammediň Onuň bendesi we ilçisidigine şaýatlyk edýärin).

# Parz namazlar.

Namaz - iki şaýatlykdan soň Yslam rüknleriniň ikinji rüknidir (diregidir).

Bir gije-gündizde (okamaly) parz namazlar bäşdir, olar:

1) Fejr, ertir namazy. Ol iki rekagatdyr.

2) Zuhr, öýle namazy. Ol dört rekagatdyr.

3) Asr, ikindi namazy. Ol dört rekagatdyr.

4) Magrib, agşam namazy. Ol üç rekagatdyr.

5) Işä, ýassy namazy. Ol dört rekagatdyr.

Musulman Remezan aýynda agyz beklär.

Ol ertir namazynyň azanyndan başlap tä agşam namazynyň azanyna çenli agyz beklär.

Agzy bekli adam agzy beklikä hiç zat iýmezem, içmezem.

**Ýazyjy**: Halid Ibn Osman Ebu Abd El-Aala.

**Ýaşaýan ýeri**: Müsür.

**Mugallymlary**: Rabig Ibn Hädi El-Madhali, MuhammetEl-Bennä, Hasan Merzuk El-Bennä, Zeýd El-Madhali we başgalar.